Sporta saýlamak we gönükdirmek – bu köpýyllyk toplumlaýyn usuly guramaçylykly çäre bolup, özünde mugallymçylyk, durmuşy, psihologik we lukmançylyk-biologik barlag usullarynyň esasynda çagalaryň tebigy zehinini we ukyplylygyny ýüze çykarýan hem-de sportuň belli bir ugry boýunça gönükdirýän ulgamdyr.

Ýokary derejeli türgenleri ýetişdirmekde seçip almagyň tutýan orny örän ýokarydyr. Halkara we dünýä ýaryşlarynda ýokary neti-je gazanýanlaryň köpüsi dogabitdi zehinli, tebigy berlen, başarjaň, spotuň tehnikasyny-taktikasyny gowy özleşdiren, fiziki-psihiki taýýarlygy ýokary bolan türgenlerdir. Şonuň üçin hem sporta seçip al-nanda hökmany suratda sportuň görnüşi boýunça ýokary başarjaňlygy bolan çagalaryň we ýetginjekleriň saýlanmagy zerurdyr. Wagtynda çagalary sporta seçip almak we sportuň belli bir ugry boýunça gönük-dirmek tälimçileriň esasy borjudyr.

Sporta seçip alnanda tälimçi adamlaryň şahsy talaplaryny hem göz öňünde tutmalydyr, ýagny sport bilen meşgullanmaga gelen çaganyň barlag-görkezijileri kada gabat gelmese we sport bilen meşgullanmaga garşy görkezmeler ýok bolsa, onda oňa biologiki we ruhy islegini kana-gatlandyrmak üçin sport bilen meşgullanmaga mümkinçilik berilmelidir.

**Aýbölek GURBANÝAZOWA**
**Mary welaýatynyň**
**Mary etrabynyň**
**Çary Gurbangylyjow adyndaky**
**19-njy orta mekdebiniň**
**başlangyç synp mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024